«Haýwanat dünýäsiniň obýektlerini, olaryň böleklerini we ondan öndürilen önümlerini, şol sanda seýrek duşýan we ýitip gitmek howpy astynda durýan haýwanlaryň derejesine degişli edilen görnüşlerini getirmegiň we äkitmegiň tertibini tassyklamak hakynda»

Türkmenistanyň Daşky gurşawy
goramak ministriniň
2026-njy ýylyň 14-nji iýulynda
çykaran 140-Ö belgili buýrugy bilen
tassyklandy

# Haýwanat dünýäsiniň obýektlerini, olaryň böleklerini we ondan öndürilen önümlerini, şol sanda seýrek duşýan we ýitip gitmek howpy astynda durýan haýwanlaryň derejesine degişli edilen görnüşlerini getirmegiň we äkitmegiň tertibi

## I bap. Umumy düzgünler

1. Şu Haýwanat dünýäsiniň obýektlerini, olaryň böleklerini we ondan öndürilen önümlerini, şol sanda seýrek duşýan we ýitip gitmek howpy astynda durýan haýwanlaryň derejesine degişli edilen görnüşlerini getirmegiň we äkitmegiň tertibi (mundan beýläk – Tertip) «Tebigaty goramak hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 7-nji maddasynyň 24-nji bendine, «Haýwanat dünýäsi hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 8-nji maddasynyň 12-nji bendine laýyklykda işlenip taýýarlanyldy we haýwanat dünýäsiniň obýektleriniň, olaryň bölekleriniň we ondan öndürilen önümleriniň, şol sanda seýrek duşýan we ýitip gitmek howpy astynda durýan haýwanlaryň derejesine degişli edilen görnüşleriniň, şeýle hem olaryň söwdasy ýa-da goralmasy Türkmenistanyň gatnaşyjy bolup duran halkara şertnamalary bilen düzgünleşdirilýän görnüşlerini Türkmenistana getirilmeginiň we onuň çäginden daşyna alyp gidilmeginiň we olara rugsatnamalary bermegiň tertibini düzgünleşdirýär.
2. Şu Tertibiň talaplarynyň eýeçiliginiň görnüşine garamazdan haýwanat dünýäsiniň obýektlerini, olaryň böleklerini we ondan öndürilen önümlerini, şol sanda seýrek duşýan we ýitip gitmek howpy astynda durýan haýwanlaryň derejesine degişli edilen görnüşlerini, şeýle hem olaryň söwdasy ýa-da goralmasy Türkmenistanyň gatnaşyjy bolup duran halkara şertnamalary bilen düzgünleşdirilýän görnüşlerini (mundan beýläk – haýwanlar) Türkmenistana getirilmegi we onuň çäginden daşyna alyp gidilmegi bilen meşgullanýan ähli ýuridik we fiziki şahslar tarapyndan ýerine ýetirilmegi hökmanydyr.

3. Şu Tertibiň kadalary haýwanlaryň eksport we import (Türkmenistanyň gümrük çäginde erkin dolanyşykda bolýan harytlaryň bu çäkden yzyna gaýtaryp getirmek borçnamasyz alnyp gidilýän ýa-da getirilýän gümrük düzgüni) edilmegi bilen bagly gatnaşyklara degişli däldir.
4. Şu Tertipde «Tebigaty goramak hakynda» hem-de «Haýwanat dünýäsi hakynda» Türkmenistanyň Kanunlarynda bellenilen düşünjelerden başga-da şu aşakdaky düşünjeler ulanylýar:
1) haýwanat dünýäsi – Türkmenistanyň we Hazar deňziniň türkmen böleginiň çäklerinde tebigy erkin ýagdaýda ýaşaýan haýwanlaryň (ýabany haýwanlaryň) bir ýa-da köp görnüşleriniň taryhy taýdan emele gelen osoblaryň jemi;
2) haýwanat dünýäsiniň obýekti – haýwan gelip çykyşly organizm (ýabany haýwan);
3) haýwanat dünýäsiniň obýektleriniň bölekleri – bu haýwanlaryň kellesi, boýny, bedeni, guýrugy, aýaklary we bedeniniň beýleki bölekleri;
4) haýwanat dünýäsiniň obýektlerinden öndürilen önümler - iýmit maksatly (et, süýt, ýumurtga, bal, işbil), önümçilik üçin çig mal maksatly (deri, sütük, ýüň, per), genetiki material (gan, dokuma, tohum we embrion), ostologik (süňk) material (süňk, şah, toýnak, molýuskalaryň (ýumşak bedenlileriň balykgulaklary) gabygy, biwny)), mäzleriň bölüp çykarýan suwuklugy (şiresi) (mum (wosk), erkek haýwanlaryň urkaçy haýwanlar bilen çakyşmagy üçin bölüp çykarýan suwuklugy (muskus), ýylanlaryň, içýanlaryň we bal arylarynyň zäherleri);
5) CITES Konwensiýasy - Ýabany ösümlik we haýwanat dünýäsiniň ýitip gitmek howpy astyndaky görnüşleriniň halkara söwdasy hakynda Konwensiýa. Türkmenistan bu Konwensiýa «Ýabany ösümlik we haýwanat dünýäsiniň ýitip gitmek howpy astyndaky görnüşleriniň halkara söwdasy hakynda Konwensiýa goşulmak hakynda» 2024-nji ýylyň 13-nji iýulynda kabul edilen Türkmenistanyň Kanuny esasynda goşulan;
6) seýrek duşýan we ýitip gitmek howpy astynda durýan haýwanlar – Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizilen haýwanlar;
7) haýwanlary Türkmenistana getirmek – haýwanlary Türkmenistanyň döwlet serhedinden ýurduň içine girizmek;
8) haýwanlary Türkmenistanyň çäginden daşyna alyp gitmek – haýwanlary Türkmenistanyň döwlet serhedinden daşyna alyp gitmek;
9) ygtyýarly edara - Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministrligi.

## II bap. Haýwanlary Türkmenistana getirmegiň we Türkmenistanyň çäginden daşyna alyp gitmegiň maksady

5. Haýwanlary Türkmenistana getirmegiň we onuň çäginden daşyna alyp gitmegiň maksady şulardan ybaratdyr:
1) ylmy-barlag işlerini geçirmek;
2) halkara sergilerine, ýarmarkalaryna gatnaşmak;

3) haýwanat baglarynyň arasynda (şol sanda seýrek görnüşler boýunça) alyş-çalyş etmek;
4) şahsy maksatlar (öýde saklamak).

6. Haýwanlary ylmy-barlag işlerini geçirmek üçin Türkmenistana getirmegine we onuň çäginden daşyna alyp gidilmegine şular degişlidir: ybarat keselini anyklamak, gan çalşygyny geçirmek, täze görnüşlerini ýerli şertlere uýgunlaşdyrmak, öňki ýitip giden ýerlerini täzeden dikeltmek, kesel kesgitnamasyny (diagnoz) goýmak, seýrek duşýan keselleri anyklamak, haýwanlaryň arassa ýeke-täk görnüşini anyklamak üçin genetik taýdan gelip çykyşyny anyklamak, täze göçürilen ýerleriniň howa şertlerine uýgunlaşmagyna gözegçilik etmek, erkin däl ýagdaýda saklanýan haýwanlaryň daşky gurşaw bilen özara täsirini öwrenmek, ýitip barýan görnüşleriniň populasiýasyny dikeltmek, iýmit tertibini işläp düzmek, weterinariýanyň çäklerinde täze tehnologiýalary synag etmek, geljekde ylmy-barlag, gözleg, derňew işlerini geçirmek üçin maglumatlar merkezini döretmek.

7. Haýwanlary halkara sergilerine, ýarmarkalaryna gatnaşdyrmak üçin Türkmenistana getirilmegine we onuň çäginden daşyna alyp gidilmegine şular degişlidir: haýwanlary gorap saklamak we üznüksiz köpeltmek boýunça gazanylan üstünlikleri dünýä ýaýmak, daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen bu ugurdaky gatnaşyklary ýola goýmak, haýwanlaryň ýitip barýan görnüşlerini we tohumlaryny ýaýratmak we dikeltmek, biodürlüligi gorap saklamak meselesi boýunça ilatyň ünsüni çekmek, maýadarlaryň we hemaýatkärleriň kömegini çekmek, haýwanlary gorap saklamak we köpeltmek boýunça tejribe alyşmak, haýwanat dünýäsiniň obýektleri boýunça halkara bileleşiginde ýurdumyzyň abraýyny galdyrmak.

8. Haýwanlary haýwanat baglarynyň arasynda (şol sanda seýrek görnüşler boýunça) alyş-çalyş etmek üçin Türkmenistana getirilmegine we onuň çäginden daşyna alyp gidilmegine şular degişlidir: nesil ownamak, üýtgemek alamatlarynyň ýüze çykmagynyň öňüni almak maksady bilen genetik dürlüligini ýokarlandyrmak, ýitmek howpy abanýan we selçeň görnüşleri köpeltmek barada bilelikdäki meýilnamalary işläp taýýarlamak, kyn ýagdaýa düşen haýwanlary halas etmek, haýwanlaryň saklanyşynyň we ideg edilişiniň hilini ýokarlandyrmak, janly tebigatyň milli muzeýine barýanlar üçin okuw meýilnamalaryny döretmek, milli muzeýleriň arasynda professional-tehniki bilim boýunça tejribe alyşmak, ýabany tebigaty goramak boýunça halkara ylalaşyklary amala aşyrmak.

9. Haýwanlary şahsy maksatlar (öýde saklamak) üçin Türkmenistana we onuň çäginden daşyna alyp gidilmegine şular degişlidir: öý şertlerine uýgunlaşdyrmak we rahat ýaşaýyş şertlerini döretmek, haýwanlar bilen özara gatnaşygy ösdürmek we endiklerine gözegçilik etmek, haýwanlaryň görnüşlerini hojalyk ýa-da bezeg maksatlar üçin ulanmak, çagalaryň jogapkärçiligini ösdürmekde ýardam bermek, haýwanlary sergilerde we ýaryşlarda peýdalanmak, hemişelik ýaşamak üçin başga döwlete göçüp gitmek.

## III bap. Haýwanlary Türkmenistana getirmäge we onuň çäginden daşyna alyp gitmäge rugsatnama bermegiň tertibi

10. Haýwanlary Türkmenistana getirmek we onuň çäginden daşyna alyp gitmek ygtyýarly edara tarapyndan berlen Haýwanlary Türkmenistana getirmäge we onuň çäginden daşyna alyp gitmäge rugsatnama (mundan beýläk - rugsatnama, şu Tertibe goşundy) bolan ýagdaýynda ýol berilýär.

11. Haýwanlary Türkmenistana getirmek we Türkmenistanyň çäginden daşyna alyp gitmek bilen meşgullanýan ýuridik ýa-da fiziki şahslar (mundan beýläk – ýüz tutujy) rugsatnama almak üçin ygtyýarly edara arza bilen ýüzlenýärler we arzanyň ýanyna şu aşakdaky resminamalary goşýarlar:

1) ýuridik şahslar:

a) Türkmenistanyň ýuridik şahslarynyň ýeke-täk döwlet sanawyna girizmek baradaky şahadatnamanyň we Türkmenistanyň ýuridik şahslarynyň ýeke-täk döwlet sanawyndan göçürmäniň nusgasy;

b) haýwanlary Türkmenistana getirmegiň we onuň çäginden daşyna alyp gitmegiň maksadyny tassyklaýan resminama (halkara sergilerine, ýarmarkalaryna gatnaşmak üçin çakylyk haty, haýwanat baglarynyň arasynda (şol sanda seýrek görnüşler boýunça) alyş-çalyş etmek baradaky ylalaşyk);

ç) Türkmenistana getirmek we onuň çäginden daşyna alyp gitmek meýilleşdirilýän haýwanlaryň görnüşleriniň türkmen, iňlis we rus dillerindäki atlary görkezilen sanawy hem-de her görnüşiň sany, alnan ýeri barada maglumat;

d) Türkmenistana getirmek (getirilýän döwletiň ygtyýarly edarasy tarapyndan berlen weterinariýa sertifikaty) we onuň çäginden daşyna alyp gitmek meýilleşdirilýän haýwanlaryň sagdynlygyny tassyklaýan Türkmenistanyň Oba hojalyk ministrliginiň ýanyndaky Döwlet weterinariýa gullugy tarapyndan berlen weterinariýa resminamasy;

e) haýwanlary Türkmenistana getirmek we onuň çäginden daşyna alyp gitmek meýilleşdirilende olaryň suraty we haýwan barada doly maglumaty (görnüşiň ady, tebigatda tutulan ýeri ýa-da elde ösdürilip ýetişdirilen ýeri, eýesiniň ady, haýwanyň ýaşy, jynsy, reňki we beýleki aýratynlyklary) özünde jemleýän haýwanyň hasaba alyş şahadatnamasy;

ä) eger-de haýwan tebigatdan tutulan bolsa ygtyýarly edara tarapyndan awça berilýän bir gezeklik tölegli rugsatnamanyň nusgasy ýa-da eger haýwan elde ösdürilip ýetişdirilen bolsa ony tassyklaýjy resminama;

f) haýwanlaryň Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizilen görnüşleri şu Tertibiň bäşinji böleginde görkezilen maksatlar üçin Türkmenistana getirmek we onuň çäginden daşyna alyp gitmek meýilleşdirilýän halatynda ygtyýarly edaranyň teklibi boýunça Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde alnan ylalaşyk haty.

2) fiziki şahslar:

a) şahsyýetini tassyklaýan resminamanyň nusgasy;

b) şu bölegiň 1-nji bendiniň «b-f» kiçi bentlerinde görkezilen resminamalar.

12. Rugsatnama almak üçin arza we onuň ýanyna goşulan resminamalar ygtyýarly edaranyň Ösümlik we haýwanat dünýäsini goramak müdirliginiň işgäri tarapyndan kabul edilýär. Rugsatnama almak üçin berlen resminamalaryň dogrulygyna ýüz tutujy jogapkärçilik çekýär.
13. Ygtyýarly edara ýüz tutujynyň rugsatnama almak üçin beren arzasyna, arzanyň berlen gününden başlap, 30 (otuz) senenama gününiň dowamynda seredýär we rugsatnamany bermek ýa-da ony bermekden ýüz döndermek barada çözgüt kabul edýär.
14. Ýüz tutujynyň rugsatnama almak üçin beren arzasy boýunça oňyn çözgüt kabul edilen mahalynda, ygtyýarly edara 3 (üç) iş gününiň dowamynda oňa hat üsti bilen resmi habar berýär.
15. Rugsatnama ygtyýarly edara tarapyndan bir asyl nusgada we nusgada resmileşdirilip, asyl nusgasy ygtyýarly edaranyň ýolbaşçysynyň goly we möhüri bilen tassyklanylýar we ýüz tutuja gowşurylýar, nusgasy ygtyýarly edarada hasabatlylyk üçin saklanylýar.
16. Rugsatnamanyň hereket ediş möhleti 30 (otuz) günden ybaratdyr. Görkezilen möhletde ulanylmadyk rugsatnama güýjüni ýitirýär we ulanylmadyk rugsatnama 10 (on) iş gününiň dowamynda ygtyýarly edara yzyna gaýtarylyp berilmäge degişlidir we ýüz tutujynyň rugsatnama almak üçin ygtyýarly edara gaýtadan ýüz tutmaga hukugy bardyr.
17. Rugsatnama «Haýwanat dünýäsi hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 42-nji maddasyna laýyklykda, tölegli esasda resmileşdirilip berilýär we ondan gelýän serişdeler ygtyýarly edaranyň býujetden daşary serişdelerini emele getirýär.
18. Rugsatnamany bermekden ýüz döndermäge şu aşakdakylar esas bolup durýar:
1) ýüz tutujynyň rugsatnama almak üçin beren resminamalary doly bolmadyk mahalynda;
2) ýüz tutujynyň rugsatnama almak üçin beren resminamalaryndaky maglumatyň takyk däldigi ýa-da ýoýulandygy ýüze çykarylan halatynda;
3) haýwanlary Türkmenistana getirmegiň we Türkmenistanyň çäginden daşyna alyp gitmegiň maksatlary şu Tertibiň bäşinji bölegine laýyk gelmedik ýagdaýynda.
19. Ýüz tutuja rugsatnama bermekden ýüz döndenilen ýagdaýynda, oňa 3 (üç) iş gününiň dowamynda bu barada hat üsti bilen resmi habar berlip, ýüz döndermegiň sebäpleri düşündirilýär we olary aradan aýyrmak üçin 10 (on) iş gün möhlet berilýär. Berlen möhletiň dowamynda ýüz tutujy ýüze çykarylan kemçilikleri düzedip, resminamalaryny täzeden tabşyryp bilýär.
20. Rugsatnama bermekden ýüz dönderilmegine «Administratiw önümçiligi hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda şikaýat edilip bilner.

## IV bap. Haýwanlar Türkmenistana getirilende we Türkmenistanyň çäginden daşyna alyp gidilende bildirilýän talaplar

21. Haýwanlar Türkmenistana getirilende we onuň çäginden daşyna alyp gidilende ähli ýuridik we fiziki şahslar tarapyndan weterinariýa-sanitariýa howpsuzlygy, düzgünleri, kadalary, gigiýena ölçegleri berjaý edilmelidir.
22. Haýwanlar Türkmenistana getirilende we onuň çäginden daşyna alyp gidilende ýokanç keselleriniň Türkmenistanyň çägine aralaşmagynyň öňüni almak maksady bilen olar diňe Türkmenistanyň Döwlet serhediniň gözegçilik-geçiriş ýerlerinde guralýan weterinariýa gözegçilik nokatlaryndan geçirilmelidir.
23. Haýwanlar Türkmenistana getirilende olaryň alnyp gaýdylan döwletiniň degişli gulluklary tarapyndan berlen haýwanlaryň sagdynlygyny tassyklaýan weterinariýa resminamasynyň bolmagy hökmandyr.
24. Haýwanlar Türkmenistana getirilende we onuň çäginden daşyna alyp gidilende ýörite enjamlaşdyrylan ulag serişdeleri peýdalanylmalydyr. Haýwanlar ýüklenen ýörite enjamlaşdyrylan ulaglar haýwanlara şikes ýetmez ýaly derejede enjamlaşdyrylan bolmalydyr. Haýwanlar ýüklenen ýörite enjamlaşdyrylan ulagyň polunda deşikleriň, jaýryklaryň bolmazlygy hökmanydyr, haýwanlaryň düşek gatlagy saman, gabyk we ş.m. bilen örtülmegi ýa-da agaç poluň bolmagy zerurdyr. Uly göwreli haýwanlaryň kellesi (aýrak, umga, gulan, gatyr we beýlekiler) ulagyň öň tarapyna seretdirilip goýulmaly we pugta daňylmalydyr.
25. Haýwanlar Türkmenistana getirilende we onuň çäginden daşyna alyp gidilende ýörite enjamlaşdyrylan ulaglardan düşürilenden soň ulaglar hökmany arassalanmaga, ýuwulmaga we zyýansyzlandyrylmaga degişlidir.

## V bap. Jemleýji düzgünler

26. Şu Tertibiň kadalarynyň berjaý edilişine öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde ygtyýarly edara gözegçilik edýär.
27. Haýwanlaryň rugsatnama esasynda serhetüsti geçirilmegine gözegçiligi Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugy tarapyndan amala aşyrylýar.
28. Şu Tertipde bellenen kadalaryň bozulmagy Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen jogapkärçilige eltýär.
29. Şu Tertibiň kadalarynyň berjaý edilmegi bilen bagly ýüze çykýan jedeller Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde çözülýär.
30. Şu Tertip bilen kadalaşdyrylmadyk gatnaşyklar Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen düzgünleşdirilýär.

Haýwanat dünýäsiniň obýektlerini, olaryň böleklerini we ondan öndürilen önümlerini, şol sanda seýrek duşýan we ýitip gitmek howpy astynda durýan haýwanlaryň derejesine degişli edilen

görnüşlerini getirmegiň we äkitmegiň tertibine
goşundy

Haýwanlary Türkmenistana getirmäge we onuň çäginden daşyna alyp gitmäge rugsatnama **№** 00000

____________________________________________________
(fiziki şahslar üçin – familiýasy, ady we atasynyň ady, öý salgysy we pasport maglumatlary, ___________________________________________________
ýuridik şahslar üçin – rekwizitleri)

sany__________________________________________________
(san we harp bilen ýazmaly) ___________________________________________________________________
___________________________________________________________________________
______________
(haýwanyň görnüşiniň türkmençe, iňlisçe we rusça atlary, şeýle hem haýwanyň ýaşy, jynsy, ýumurtgasy, tohumy we ş.m.)

Türkmenistana getirmäge/Türkmenistandan daşyna alyp gitmäge rugsat berildi.

Getirmegiň/alyp gitmegiň maksady ___________________________
___________________________________________________________________________
____________________________

Weterinar gullugy tarapyndan berlen resminama __________________
____________________________________________________
(degişli gullugyň ady we salgysy, güwänamanyň belgisi we berlen senesi)

Haýwanyň Türkmenistandan äkidilmegi meýilleşdirilýän görnüşi Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizilen bolsa ygtyýarlandyrylan edaranyň teklibi boýunça Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde alnan ylalaşyk haty ___________________________________________________________________________
____________________________
(hatlaryň belgisi we berlen senesi)

Türkmenistana getirilmegi ýa-da Türkmenistandan äkidilmegi meýilleşdirilýän görnüş CITES Konwensiýasynyň goşundylaryndaky sanawa girýän bolsa, onda bu Konwensiýa boýunça

jogapkär milli edara – Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministrligi tarapyndan berlen rugsatnama

______________________________________________________

(rugsatnamanyň belgisi we berlen senesi)

Rugsatnamanyň möhleti 20___ý. «___» ______dan 20__ý. «____» ______ çenli hereket edýär.

Ýolbaşçysy _____________________________________

(familiýasy, ady, atasynyň ady, goly we möhüri)

Rugsatnamanyň berlen senesi _____________________ 20__ ý.

Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan
2026-njy ýylyň 13-nji awgustynda 1962 bellige
alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan.